Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— BIZIŇ SAÝLAP ALAN ÝOLUMYZ GURMAGYŇ WE DÖRETMEGIŇ ÝOLUDYR.

XXI ASYR — TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY!

# BALKAN

ESASLANDYRYJYSY — BALKAN WELAÝAT HÄKIMLIGI

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

№8 (99724) * 2022-nji ýylyň 24-nji fewraly, penşenbe.



## HALKYMYZYŇ BAGTYÝARLYGYNYŇ, ÝURDUMYZYŇ ABADANÇYLYGYNYŇ BÄHBIDINE

21-nji fewralda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Oňa Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň käbir orunbasarlary, Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimleri gatnaşdylar.

Sanly ulgam arkaly geçirilýän iş maslahatynda, ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz wise-premýere, DIM-niň ýolbaşçysyna ýüzlenip, Russiýa Federasiýasy bilen strategik hyzmatdaşlygy hemmetaraplaýyn ösdürmegiň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýandygyny belledi.

Milli Liderimiz Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygyny baýram edip bellemäge bagyşlanan çäreleriň maksatnamasynyň üstünde işlemegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz dostlukly ýurdumyz bolan Hytaý Halk Respublikasynyň gyşky Olimpiýa oýunlaryny ýokary derejede we dabaraly geçirendigini belläp we olary gutlap, R.Meredowa bu Gutlagy ilçihananyň üsti bilen olara ýetirmegi tabşyrdy.

Soňra sanly ulgam arkaly geçirilýän iş maslahatynda Aşgabat şäheriniň häkimi R.Gandymow we Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz ak mermerli Aşgabady hemmetaraplaýyn ösdürmek, paýtagtymyzda meýilleşdirilen ähli çäreleri üstünlikli durmuşa geçirmek hem-de medeni-durmuş maksatly binalaryň gurluşygyny degişli derejede alyp barmak ugrunda ýerine ýetirilýän işleriň depginlerini güýçlendirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi.

Milli Liderimiz häzirki döwürde Türkmenistan bilen Täjigistan Respublikasynyň arasynda ýola goýlan dostlukly hyzmatdaşlygyň hil taýdan täze derejä çykandygyny kanagatlanma bilen belledi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasyny ýerine ýetirmegiň çäklerinde alnyp barylýan işleriň wajypdygyny nygtap, gurluşyk işleriniň öz wagtynda geçirilmeginiň we olarda ýokary hil derejesiniň üpjün edilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyny belledi we bu babatda öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegine jogapkärçilikli çemeleşmegi tabşyrdy.

Sanly ulgam arkaly geçirilýän iş maslahaty Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary E.Orazgeldiýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda dowam etdi. Olar döwlet Baştutanymyz tarapyndan öňde goýlan degişli wezipeler boýunça hasabat berdiler.

Balkan welaýatynyň häkimi T.Atahallyýew häzirki döwürde sebitiň ekerançylyk meýdanlarynda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy, güýzlük bugdaý ekilen meýdanlarda ýerine ýetirilýän ideg işleri, şol sanda gowaça ekişine guramaçylykly girişmek ugrunda görülýän taýýarlyk işleriniň derejesi barada hasabat berdi. Şol bir wagtyň özünde welaýatyň daýhanlarynyň ýazlyk sogan ekişini üstünlikli tamamlandyklary hakynda habar berildi.

Köpçülikleýin bag nahallaryny ekmegiň 19-njy martda badalga beriljek nobatdaky ýazky möwsümini guramaçylykly we ýokary hilli geçirmek, ozal ekilen baglara talabalaýyk ideg etmek, umuman, ýaz-meýdan işlerini agrotehniki möhletlerde geçirmek boýunça öňde durýan wezipeleriň ýerine ýetirilmegine toplumlaýyn esasda çemeleşilýär.

Şeýle hem häkim welaýatyň maldarçylyk hojalyklarynda dowarlardan owlak-guzy almak möwsümine taýýarlyk işleriniň ýagdaýy, ony ýokary guramaçylyk derejesinde geçirmek ugrunda ähli zerur şertleriň döredilendigi barada aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasynda kesgitlenen wezipeleri ýerine ýetirmek, şunda medeni-durmuş maksatly desgalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşyklaryny çaltlandyrmak, şol bir wagtyň özünde täze ýollary çekmek we ozal bar bolanlarynyň durkuny täzelemek boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar.

Şeýle hem ýurdumyzyň welaýatlarynyň häkimleri Arkadag Prezidentimize «Abadançylygyň röwşen gadamlary» atly täze kitabynyň neşir edilmegi hem-de «Türkmenistanyň ussat diplomaty» diýen tapawutlandyryş nyşanynyň berilmegi mynasybetli tüýs ýürekden çykýan gutlag sözlerini aýtdylar we hormatly Prezidentimize berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan jogapkärli döwlet işlerinde mundan beýläk-de üstünlikleri arzuw etdiler.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary E.Orazgeldiýew häzirki döwürde ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlarynda möwsümleýin oba hojalyk işlerini bellenen agrotehniki möhletlerde we talabalaýyk geçirmek boýunça edilýän tagallalar, güýzlük bugdaý ekilen meýdanlarda ýaýbaňlandyrylan ideg işleri, şol bir wagtyň özünde ýazlyk ekiş möwsümine taýýarlygyň derejesi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz, öňi bilen, gutlaglar we hoşniýetli arzuwlar üçin minnetdarlyk bildirdi. Milli Liderimiz meýilleşdirilen ähli oba hojalyk çäreleriniň agrotehniki kadalara laýyklykda geçirilmeginiň hem-de ýokary hil derejesiniň üpjün edilmeginiň möhüm talapdygyna ünsi çekdi we welaýatlaryň häkimlerine bu ugurda alnyp barylýan işleri yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Oba milli maksatnamasynyň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň esasy talap bolup durýandygyna ünsi çekip, ýerlerde alnyp barylýan işleriň maksatnamadan gelip çykýan wezipelere laýyk ýola goýulmalydygyny belledi.

*«Balkan».*

## TELEFON ARKALY SÖHBETDEŞLIK

22-nji fewralda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Prezidenti Rustam Minnihanowyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

Söhbetdeşler söwda-ykdysady, ynsanperwer ulgamlarda ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygy kanagatlanma bilen belläp, şunda Türkmenistanyň we Tatarystan Respublikasynyň doganlyk halklarynyň arasynda dostluk köprülerini we özara düşünişmegi pugtalandyrýan ýokary derejedäki yzygiderli ikitaraplaýyn duşuşyklaryň we gepleşikleriň uly ähmiýete eýedigini nygtadylar.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen baglylykda, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-tatar iş toparynyň möhüm ornuň degişlidigi bellenildi. Bu topar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ähli ugurlaryna syn berýär.

Ynsanperwer ulgamda, şol sanda ylym we bilim ugry boýunça ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda hyzmatdaşlyk etmek türkmen-tatar gatnaşyklarynyň möhüm ugry bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, häzirki wagtda Tatarystanyň esasy ýokary okuw mekdeplerinde ýurdumyzyň ýaşlarynyň köp sanlysy bilim alýar.

Pursatdan peýdalanyp, döwlet Baştutanymyz Tatarystan Respublikasynyň Prezidentine däp bolan dostlukly gatnaşyklary ösdürmäge we pugtalandyrmaga ägirt uly şahsy goşandy üçin minnetdarlyk bildirip, türkmen tarapynyň özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge gyzyklanma bildirýändigini tassyklady.

*«Balkan».*

## BAŞYMYZYŇ TÄJI WATAN

Ajaýyp zamanamyzda halkymyz ösüşiň täze belentliklerini nazarlaýar, röwşen geljegine buýsanyp ýaşaýar. Halkymyz ata Watany — Garaşsyz we baky Bitarap döwletimizi söýüp, oňa buýsanyp, başynyň täjine deňeýär. Paýhasly pederlerimizem ata Watanyň mukaddesligi we onuň beýikligi barada dür dänesi ýaly pähimleri nesillerine miras goýup, Watanyň gymmatyna akyl ýetirmekligi we onuň her daban ýerini gözüň göreji deýin goramaklygy wesýet edipdirler.

Belent Serkerdebaşymyzyň ýolbaşçylygynda geçirilýän Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlislerinde we beýleki maslahatlarda ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň işini mundan beýläk hem özgertmek, maddy-enjamlaýyn binýadyny kämilleşdirmek, işgärleriň hünär we bilim derejelerini artdyrmak, olaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak babatda uly wezipeler öňde goýulýar. Döwlet Baştutanymyzyň harby we hukuk goraýjy edaralaryň işgärleri barada edýän aladasy bizi Watanymyza ak ýürekden gulluk edip, döwletimiziň gülläp ösmegi, beýik sepgitlere we rowaçlyklara tarap bedew bady bilen öňe gitmegi üçin öz şahsy goşandymyzy goşmaga ruhlandyrýar.

Belent Serkerdebaşymyzyň tabşyryklaryndan, sargytlaryndan ugur alyp, ýurdumyzyň abadançylygyny, halkymyzyň eşretli, erkana durmuşyny üpjün etmek üçin has-da tutanýerli zähmet çekeris.

***Baýatgül EŞANOWA,***
***welaýat prokurorynyň işgärler boýunça uly kömekçisiniň wezipesini ýerine ýetiriji, 2-nji derejeli ýurist.***

# ÝURDUMYZDA TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI WEZIPESINE DALAŞGÄRLERI HÖDÜRLEMEK HEM-DE BELLIGE ALMAK ÇÄRELERI TAMAMLANDY

16-njy fewralda Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň mejlisi boldy. Oňa Merkezi saýlaw toparynyň ýolbaşçysy we agzalary gatnaşdylar. Agrar partiýanyň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine hödürlän dalaşgärini bellige almak mejlisiň gün tertibiniň esasy meselesi boldy.

Mary welaýatynyň häkiminiň orunbasary Agajan Bekmyradow iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgär hökmünde bellige alyndy. Ol Agrar partiýanyň nobatdan daşary IV gurultaýynda Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgärlige hödürlenildi hem-de biragyzdan makullanyldy. Gurultaýa jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem gatnaşdylar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesine dalaşgär hökmünde bellige alnan Mary welaýatynyň häkiminiň orunbasary Agajan Bekmyradowa degişli şahsyýetnama gowşuryldy.

A.Bekmyradow Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň mejlisine gatnaşyjylara hoşallyk bildirip, Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanan ýagdaýynda, öz bilimini, ukyp-başarnygyny we tejribesini bildirilen ynamy ödemäge gönükdirjekdigine ynandyrdy.

* * *

18-nji fewralda Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna taýýarlygyň çäklerinde Balkan we Lebap welaýatlarynda raýatlaryň teklipçi toparlarynyň ýygnaklary geçirildi. Olaryň dowamynda iň ýokary döwlet wezipesine has mynasyp dalaşgärler hödürlenildi.

14-nji fewraldan başlap ýaýbaňlandyrylan saýlaw möwsüminiň çäklerinde Balkan welaýatynda geçirilen ýygnagyň dowamynda oňa gatnaşyjylar Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgär hökmünde Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «Awaza» şypahanasynyň baş lukmany, Milli Geňeşiň Mejlisiniň deputaty Berdimämmet Gurbanowy hödürlemek teklibine garadylar.

Ýygnananlar B.Gurbanowyň iş dolandyryş hem-de guramaçylyk ukybyny, ýokary hünär we şahsy häsiýetlerini, ýolbaşçy wezipedäki tejribesini belläp, ony döwlet Baştutany wezipesine dalaşgär hökmünde hödürlemek baradaky çözgüdi kabul etdiler.

Lebap welaýatynda geçirilen ýygnagyň dowamynda welaýatyň maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň direktory Perhat Begenjow Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgärlige hödürlenildi.

Ýygnananlar P.Begenjowy giň gözýetimli, iş başarjaň, ýaş ýolbaşçy hökmünde häsiýetlendirýän çykyşlary diňläp, ony iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgärlige hödürlemek baradaky çözgüdi kabul etdiler.

* * *

19-njy fewralda Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň ýolbaşçysynyň hem-de agzalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda toparyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Onuň gün tertibine Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine raýatlaryň teklipçi toparlary tarapyndan hödürlenen dalaşgärleri bellige almak meselesi girizildi.

Ýurdumyzda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, Lebap welaýatynyň maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň direktory Perhat Begenjowy hem-de Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň «Awaza» şypahanasynyň baş lukmany, Milli Geňeşiň Mejlisiniň deputaty Berdimämmet Gurbanowy ýokary döwlet wezipesine dalaşgär hökmünde bellige almak çäresi boldy.

Lebap we Balkan welaýatlaryndan Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesine dalaşgär hökmünde bellige alnan raýatlara degişli şahsyýetnamalar gowşuryldy.

Saýlawçylaryň öz işlerine ýokary baha berendikleri we saýlawlarda ýokary döwlet wezipesine dalaşgär hökmünde ynam bildirendikleri üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, dalaşgärler mähriban Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, halkymyzyň abadançylyk derejesiniň we Türkmenistanyň halkara abraýynyň ýokarlanmagy ugrunda ýadawsyz tagalla etjekdiklerine ynandyrdylar.

Şeýle hem Prezident saýlawlaryna taýýarlygyň çäklerinde Ahal we Mary welaýatlarynda raýatlaryň teklipçi toparlarynyň ýygnaklary geçirildi. Olaryň dowamynda ýokary döwlet wezipesine iň mynasyp adamlar dalaşgärlige hödürlenildi.

Ahal welaýatynda geçirilen ýygnaga gatnaşyjylar pikir alyşmalaryň dowamynda ýurdumyzyň ýokary döwlet wezipesine Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň başlygy Maksatmyrat Öwezgeldiýewi dalaşgär hökmünde hödürlemek baradaky teklibe garadylar.

M.Öwezgeldiýewiň ýolbaşçy wezipede guramaçylyk ukybyny, onuň ýokary hünär we şahsy häsiýetini nazara alyp, ýygnaga gatnaşyjylar ony ýokary döwlet wezipesine dalaşgär hökmünde hödürlemek hakyndaky çözgüdi biragyzdan kabul etdiler.

Mary welaýatynda geçirilen ýygnagyň dowamynda oňa gatnaşyjylar Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň direktory Kakageldi Saryýewi ýokary döwlet wezipesine dalaşgärlige hödürlemek hakyndaky teklibe garadylar.

Ýygnaga gatnaşyjylar Kakageldi Saryýewiň energetika ylmyny ösdürmäge goşan uly goşandyny nygtap, Türkmenistanyň Prezidentiniň 12-nji martda geçiriljek saýlawlarynda onuň ýokary döwlet wezipesine dalaşgärlige hödürlenilmegini goldadylar.

* * *

21-nji fewralda Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň maslahatlar zalynda Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň nobatdan daşary III gurultaýy geçirildi. Onuň gün tertibine Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgäri hödürlemek meselesi girizildi. Gurultaýa ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň we beýleki düzümleriň wekilleri gatnaşdylar.

Iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgär hökmünde Senagatçylar we telekeçiler partiýasyndan «Wepaly gurluşyk» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysy Babamyrat Meredowy hödürlemek meselesi ara alnyp maslahatlaşyldy.

Gurultaýa gatnaşyjylar bitirýän hyzmatlaryny nazarda tutup, B.Meredowy Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgär hökmünde hödürlemek baradaky çözgüdi kabul etdiler.

Şeýle hem şol gün Aşgabat şäherinde raýatlaryň teklipçi topary maslahat geçirdi. Onda iň ýokary döwlet wezipesine Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň ylmy işler boýunça prorektory, pedagogika ylymlarynyň kandidaty Hydyr Nunnaýewi dalaşgär hökmünde hödürlemek baradaky teklibe garaldy.

Hydyr Nunnaýewiň mugallymçylyk ylmyny ösdürmäge, türkmenistanlylaryň ýaş neslini terbiýelemäge goşan uly goşandyny nygtap, ýygnananlar 12-nji martda geçiriljek Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda iň ýokary döwlet wezipesine ony dalaşgär hökmünde hödürlemegi goldadylar.

Şol gün Daşoguz welaýatynda raýatlaryň teklipçi toparynyň ýygnagynyň dowamynda oňa gatnaşyjylar Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky etrap komitetiniň başlygy Maksat Ödeşowy Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgärlige hödürlemek meselesine garadylar.

Çykyş edenler dalaşgäriň hormata mynasyp ýokary guramaçylyk ukyplaryny bellediler. Ýygnananlar Maksat Ödeşowyň partiýa işine, döwletimiziň we jemgyýetimiziň demokratik esaslarynyň ösdürilmegine goşan saldamly goşandyny nygtap, Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlarynda iň ýokary döwlet wezipesine ony dalaşgär hökmünde hödürlemegi goldadylar.

Şol gün türkmen paýtagtynda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa merkezi toparyň ýolbaşçysy we agzalary bilen bir hatarda, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem gatnaşdylar. Mejlisiň gün tertibine Ahal we Mary welaýatlarynyň raýatlarynyň teklipçi toparlarynyň, Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň iň ýokary döwlet wezipesine hödürlän dalaşgärlerini bellige almak meselesi girizildi.

Ýurdumyzyň kanunçylygyna laýyklykda, Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine Ahal welaýatynyň Babadaýhan etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň başlygy Maksatmyrat Öwezgeldiýewi, Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň direktory Kakageldi Saryýewi, «Wepaly gurluşyk» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçysy Babamyrat Meredowy bellige aldy.

Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine bellige alnan dalaşgärlere degişli şahsyýetnamalar gowşuryldy.

Iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgärler uly ynam bildirendikleri üçin saýlawçylara hoşallyklaryny beýan edip, mähriban halkymyzyň bähbidine Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda yhlasly zähmetini gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

* * *

22-nji fewralda paýtagtymyzda Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Oňa merkezi saýlaw toparynyň ýolbaşçysy we agzalary hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Mejlisiň gün tertibine Aşgabat şäherinden we Daşoguz welaýatyndan raýatlaryň teklipçi toparlary tarapyndan hödürlenilen Türkmenistanyň Prezidentiniň wezipesine dalaşgärleri bellige almak meselesi girizildi.

Hereket edýän milli kanunçylyga laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň ylmy işler boýunça prorektory, pedagogika ylymlarynyň kandidaty Hydyr Nunnaýew hem-de Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky etrap komitetiniň başlygy Maksat Ödeşow dalaşgär hökmünde hödürlenildi. Olara degişli şahsyýetnamalar gowşuryldy.

Iň ýokary döwlet wezipesine dalaşgärler öz üstüne düşýän jogapkärçilige düşünýändiklerini aýtdylar we bildirilen ynamy ödemek üçin güýç-gaýratlaryny, tejribelerini we bilimlerini gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar.

Möhüm jemgyýetçilik-syýasy çärä — 12-nji martda geçiriljek Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna taýýarlyk işleri dowam edýär. Häzir dalaşgärleri hödürlemek hem-de bellige almak çäreleri tamamlanyp, iň ýokary döwlet wezipesine hödürlenen dalaşgärler bilen saýlawçylaryň duşuşyklary başlandy. Ähli dalaşgärlere saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini geçirmek üçin deň mümkinçilikler kepillendirilýär.

***«Balkan».***

## Abadançylygyň ýoly bilen



«Halkyň Arkadagly zamanasy» diýlip yglan edilen üstümizdäki ýylda hormatly Prezidentimiziň jöwher paýhasyndan dörän ajaýyp eseriň — «Abadançylygyň röwşen gadamlary» atly kitabyň çapdan çykmagy buýsanjymyzy artdyrdy.

Agzybirlik, jebislik, ynsanperwerlik, dost-doganlyk ýaly asylly ýörelgelerimiziň dabaralanmasynyň buýsançly beýany bolan kitapda daşary syýasat meselelerine uly ähmiýet berilýär, ykdysadyýet, medeniýet, ylym ýaly ugurlardaky garaýyşlar kitabyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Garaşsyzlygymyzyň gazananlaryna, Ýer ýüzünde parahatçylyk arkaly ösüşi gazanmagyň manysyna düşünmäge mümkinçilik berýän bu kitap ata Watanymyzyň içeri hem-de daşary syýasatda gazanan üstünliklerini, ýeten belent sepgitlerini aýdyň görkezýär. Kitabyň eziz Diýarymyzyň dünýädäki at-abraýyna göz ýetirmekde biziň ählimiz, esasan hem, ýaş nesiller üçin ýol görkeziji şamçyragdygyny bellemelidiris.

Nurana ertirlerimize ynamly barýan ajaýyp döwrümizde agzybir halkyna şeýle gymmatly eserleri sowgat berýän, ýurdumyzyň abraýyny ýylba-ýyldan belende göterýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, beýik işleri rowaç bolsun!

***Bagty ARTYKOWA,***
***Balkanabat şäherindäki 1-nji orta mekdebiň mugallymy.***

## Beýik maksatlar — nurana geljek

Welaýat häkimligi hem-de jemgyýetçilik guramalary tarapyndan guralyp, «Halk Maslahaty — demokratiýanyň milli nusgasy» diýen at bilen geçirilen maslahat Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň nobatdan daşary mejlisiniň taryhy çözgütlerine hem-de olardan gelip çykýan möhüm wezipelere bagyşlandy. Welaýat häkimliginiň mejlisler zalynda geçirilen çärede giň gerim berlen çykyşlarda taryhy mejlisde kabul edilen «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenilen beýik tutumlary üstünlikli durmuşa geçirmekde öňde durýan wajyp wezipeler dogrusynda gürrüň edildi.

Halkymyzyň röwşen geljegine gönükdirilen uzak möhletleýin maksatnamada ata Watanymyzy mundan beýläk-de okgunly ösdürmegiň anyk ugurlary beýan edilýär. Munuň özi Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzyň ähli ugurlarda depginli ösüşine düýpli itergi bermek bilen, ýurdumyzyň sebitleriniň mümkinçiliklerini herekete girizmegiň binýadyny pugtalandyryp, ykdysadyýetimiziň kuwwatyny has-da artdyrar, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini hil taýdan täze belentliklere göterer. Çykyşlarda şular barada nygtalyp, gözbaşyny asyrlardan alyp gaýdýan milli demokratik ýörelgelerimiziň Arkadag Prezidentimiziň öňdengörüjilikli baştutanlygynda baýlaşýandygy, dünýä tejribeleri bilen sazlaşykly utgaşýandygy dogrusynda buýsanç bilen bellenildi. Ýurdumyzyň gülläp ösmegi üçin döwlet derejesinde ähli tagallalary edýän Gahryman Prezidentimiziň adyna ýürekden çykýan alkyşly sözler joşgunly ýaňlandy.

***Nurmämmet HYDYROW,***
***«Balkan».***

## Halk bähbitli taryhy çözgütler

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda ýurdumyzda bolup geçýän taryhy wakalar her bir raýaty begendirýär, buýsandyrýar. Welaýat kitaphanasynda «Milli demokratiýanyň dabaralanmasy» diýen at bilen geçirilen maslahatymyzda hem muňa aýdyň göz ýetirmek boldy.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň nobatdan daşary mejlisinde kabul edilen taryhy çözgütlere bagyşlanan maslahatda buýsançly çykyşlara giň orun berlip, olarda ajaýyp zamanamyzy uly ösüşlere besleýän Gahryman Arkadagymyzyň Watanymyzy ösdürmegiň geljek döwrüni «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy» diýip atlandyrmagynyň hem-de bu ählihalk forumda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň» kabul edilmeginiň halkymyzy egsilmez hoşallyga, buýsanja besländigi dogrusynda söhbet edildi. Arkadag Prezidentimiziň Halk Maslahatyndaky taryhy çykyşynda Diýarymyzy geljekde has-da uly ösüşlere beslemek barada öňde goýan wezipelerini durmuşa geçirmeklige her birimiziň mynasyp goşant goşmalydygymyz nygtalyp, milli Liderimize alkyş sözleri aýdyldy.

***Nurbibi DÄDEBAÝEWA,***
***Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň Balkanabat şäher komitetiniň başlygy.***

# 2022-nji ýylyň 12-nji martynda geçiriljek Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary boýunça Balkan welaýatynda döredilen saýlaw uçastoklarynyň merkezi we araçägi barada MAGLUMAT

**BALKANABAT ŞÄHERI BOÝUNÇA**

**1-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Nebitçileriň medeniýet köşgi.
**Araçägi:** 125a, 136, 136a, 137, 145, 146, 148-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň we Kirow köçesiniň ähli jaýlary.

**2-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Tehniki wagyz ediş we durmuş maksatly hyzmatlar merkezi.
**Araçägi:** 156, 157, 158, 159, 160-njy ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**3-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Balkan welaýat çaphanasy.
**Araçägi:** 205, 205a, 205b-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**4-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Nebitgazçykaryş» tresti.
**Araçägi:** 149, 150, 155-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**5-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** şäher medeniýet merkezi.
**Araçägi:** 161,191,192-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**6-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 22-nji orta mekdep.
**Araçägi:** 168, 204, 206-njy ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**7-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň Balkanabat bölümi.
**Araçägi:** 206a-njy ýaşaýyş jaý toplumynyň ähli jaýlary.

**8-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Balkangeofizika» ekspedisiýasynyň geologlar kluby.
**Araçägi:** 189, 190, 224-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**9-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Tawus» çagalar bagy.
**Araçägi:** 154, 184, 185-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**10-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Balkannebitgazgözleg» ekspedisiýasy.
**Araçägi:** 106, 107, 118, 119, 130, 131, 132, 140, 141, 141a, 151-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**11-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Çeşmejik» çagalar bagy.
**Araçägi:** 106a-njy ýaşaýyş jaý toplumynyň ähli jaýlary, Gurluşykçy köçesiniň 67, 68, 69, 70, 71, 72, 73, 74, 75, 76, 77, 78, 79, 80, 81, 82, 84, 85, 85a, 86, 87, 88, 89, 90, 91, 92, 93, 94, 95, 96, 97, 98, 99, 100, 101, 102, 103, 103a, 104, 105, 106, 107, 108, 109, 110, 111, 112, 113, 114, 115, 116a, 117, 118, 119, 120, 121, 122, 123, 124, 125, 126, 127, 128, 129, 130, 131, 132, 133, 134, 135, 136, 137-nji jaýlary, Mollanepes köçesiniň 67a, 68, 68a, 69, 70, 70a, 71, 72, 72a, 74, 75, 76, 76a, 77, 78, 78a, 79, 80, 80a, 81, 82, 82a, 83, 83a, 84, 85, 86, 86a, 87, 87a, 88, 89, 90, 91, 92, 92a, 93, 94, 94a, 95, 96, 96a, 97, 98, 98a, 99, 100, 100a, 101, 102, 102a, 104, 104a, 105, 106a, 107, 108, 108a, 109, 110a, 111, 111a, 112a, 113, 114, 114a, 115, 116, 116a, 117, 118, 118a, 120, 120a, 121, 122, 122a, 123, 124a, 124b, 125, 126, 126a, 127, 128, 128a, 129, 130a, 131, 132, 133, 134, 135, 136, 137, 138a, 139a, 140, 141, 142-nji jaýlary, Mätäji köçesiniň 67, 68, 69, 70, 71, 72, 73, 74, 75, 76, 77, 78, 79, 80, 82, 83, 84, 85, 86, 87, 88, 89, 90, 91, 92, 93, 94, 95, 96, 97, 98, 99, 100, 101, 102, 103, 104, 105, 106, 107, 108, 109, 110, 111, 112, 113, 114, 115, 116, 117, 118, 119, 120, 121, 122, 123, 124, 125, 126, 127, 128, 129, 130, 131, 132, 133, 134, 135, 135a, 136, 137-nji jaýlary, Balkan köçesiniň 37, 40, 43, 45, 46, 47, 48, 49, 55-nji jaýlary.

**12-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** şäher ýaşaýyş jaýlary ulanyş tresti.
**Araçägi:** 133, 133a, 138, 139, 143, 144-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**13-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 2-nji orta mekdep.
**Araçägi:** 121, 122, 123, 124, 125, 126, 127-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**14-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 9-njy orta mekdep.
**Araçägi:** 104, 105, 108, 109, 116, 117, 120, 128, 129-njy ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**15-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 20-nji orta mekdep.
**Araçägi:** 88, 89, 94, 97, 99-njy ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary, Ärsarybaba, Kemine, Gubkin köçeleriniň ähli hususy jaýlary.

**16-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 26-njy çagalar bagy.
**Araçägi:** Gurluşykçy köçesiniň 1, 2, 3, 6, 7, 8, 9, 10, 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17, 18, 19, 20, 21, 22, 23, 24, 25, 26, 27, 28, 29, 30, 31, 32, 33, 34, 35, 36, 37, 38, 39, 40, 41, 42, 43, 44, 46, 47, 48, 49, 50, 51, 52, 53, 54, 55a, 56, 57, 58, 59, 61, 62, 63, 64, 65, 66-njy jaýlary, Japarow köçesiniň 1, 2, 4, 6, 8, 10, 12, 14, 16, 18, 20, 22, 24, 26, 28, 30, 32, 34, 36, 38, 40, 42, 44, 46, 48a, 50, 52, 54, 56, 58, 60, 60a, 62, 64, 66-njy jaýlary, Mätäji köçesiniň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10, 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17, 18, 19, 20, 21, 22, 23, 24, 25, 26, 27, 28, 29, 30, 31, 32, 33, 34, 35, 36, 38, 39, 40, 41, 42, 43, 44, 45, 46, 47, 48, 49, 50, 51, 52, 53, 55, 56, 57, 58, 60, 61, 62, 63, 64, 65, 66-njy jaýlary, Mollanepes köçesiniň 1, 2, 2a, 3, 4, 4a, 5, 6, 6a, 7, 8, 9, 9a, 10, 11, 12, 12a, 13, 14, 14a, 15, 16, 16a, 17, 18, 18a, 20, 20a, 21, 22, 22a, 23, 24, 24a, 25, 26, 26a, 27, 28, 28a, 29, 30, 30a, 31, 32, 32a, 33, 34, 36, 36a, 37, 38, 38a, 39, 39a, 40, 41, 42, 42a, 43, 43a, 44, 44a, 45, 46, 47, 48, 48a, 49, 50, 51, 52, 53, 54, 54a, 55, 56b, 57, 58, 58a, 59, 60, 61, 61a, 62a, 63, 64, 65, 66-njy jaýlary, Balkan köçesiniň 16, 18, 22, 23 , 24, 26, 28, 29, 30, 31, 32, 33, 34, 35-nji jaýlary, Garaşsyzlyk şaýoly, SWÇ-1, SWÇ-2 köçeleriniň ähli hususy jaýlary.

**17-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Balkan welaýat daşky gurşawy goramak müdirligi.
**Araçägi:** 103, 103a, 110, 111, 112, 113, 113a, 114, 115-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**18-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Türkmengazüpjünçilik» birleşiginiň Gazlaşdyrmak boýunça gurluşyk-gurnaýyş müdirliginiň welaýat ülşi.
**Araçägi:** 102,102a-njy ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli hususy jaýlary, Balkan welaýat ýörite sungat mekdebiniň umumyýaşaýyş jaýy.

**19-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Baleýşem bekedindäki 19-njy orta mekdebiň şahamçasy.
**Araçägi:** Baleýşem bekedindäki ähli jaýlar.

**20-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Humaý» çagalar bagy.
**Araçägi:** 207-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň ähli jaýlary.

**21-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Serwi» çagalar bagy.
**Araçägi:** 208-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň ähli jaýlary.

**22-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Nebitgazylmytaslama» institutynyň taslama bölümi.
**Araçägi:** 209-njy ýaşaýyş jaý toplumynyň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10, 11, 12,13, 14, 15, 59, 60, 61, 62-nji jaýlary.

**23-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Nebitgazylmytaslama» institutynyň ylym bölümi.
**Araçägi:** 209-njy ýaşaýyş jaý toplumynyň 16, 17, 18, 19, 20, 21, 22, 23, 24, 25, 26, 27, 28, 29, 33, 34, 35, 36-njy jaýlary.

**24-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Mahym» çagalar bagy.
**Araçägi:** 209-njy ýaşaýyş jaý toplumynyň 37, 38, 39, 40, 41, 42, 43, 44, 45, 46, 47, 48, 49, 50, 51, 52, 53, 54, 55, 56, 57, 58-nji jaýlary.

**25-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Balkan welaýat kitaphanasy.
**Araçägi:** 199, 200, 201-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary, 209-njy ýaşaýyş jaý toplumynyň 30, 31, 32-nji jaýlary.

**26-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Şemşat» çagalar bagy.
**Araçägi:** 210-njy ýaşaýyş jaý toplumynyň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10, 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17, 18, 19, 20-nji jaýlary.

**27-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Oýunjak» çagalar bagy.
**Araçägi:** 210-njy ýaşaýyş jaý toplumynyň 21, 22, 23, 24, 25, 26, 27, 28, 29, 30, 31, 32, 33, 34, 35, 36, 37, 38, 39, 40, 41, 42, 43, 44, 45-nji jaýlary.

**28-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 18-nji orta mekdep.
**Araçägi:** 233-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň 1-5-nji, 7-11-nji jaýlary.

**29-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Bagtyýar nesiller» çagalar bagy.
**Araçägi:** 232-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň ähli jaýlary, 233-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň 12, 13-nji jaýlary.

**30-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Aýgül» çagalar bagy.
**Araçägi:** 225-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň ähli jaýlary we ähli hassahanalar.

**31-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Jahan» çagalar bagy.
**Araçägi:** 211-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10-njy jaýlary.

**32-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 16-njy orta mekdep.
**Araçägi:** 211-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17, 18, 19, 20, 21, 22, 23, 24, 25-nji jaýlary.

**33-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 16-njy orta mekdep.
**Araçägi:** 211-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň 26, 27, 28, 29, 30, 31, 33, 34, 35, 36, 40, 41-nji jaýlary.

**34-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Näzik» çagalar bagy.
**Araçägi:** 211-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň 45, 46, 47, 47a, 48, 49, 50, 60, 64, 65, 66, 67, 68, 69-njy jaýlary.

**35-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Bahar» çagalar bagy.
**Araçägi:** 212, 213, 213a, 214-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**36-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Awtoulag we ýol gurluşyk müdirliginiň ulag we ýöriteleşdirilen tehnikalar sehi.
**Araçägi:** Gazak obanyň ähli jaýlary.

**37-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Balkanabat nebitçilik orta hünär okuw mekdebi.
**Araçägi:** 5-nji kiçi ýaşaýyş jaý toplumynyň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10-njy jaýlary.

**38-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 6-njy orta mekdep.
**Araçägi:** 5-nji kiçi ýaşaýyş jaý toplumynyň 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17, 18, 19, 20, 22, 23-nji jaýlary, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň Balkanabat bölüminiň umumyýaşaýyş jaýy.

**39-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 3-nji orta mekdep.
**Araçägi:** 6-njy kiçi etrapçanyň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10, 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17, 18, 19, 22-nji jaýlary, Arlan, Gurluşykçy ýaşaýyş jaý toplumlarynyň jaýlary.

**40-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 20-nji çagalar bagy.
**Araçägi:** 13-nji kiçi etrapçanyň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9-njy jaýlary.

**41-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 21-nji orta mekdep.
**Araçägi:** 13-nji kiçi etrapçanyň 10, 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17, 18, 19, 20-nji jaýlary.

**42-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Güneş» çagalar bagy.
**Araçägi:** 13-nji kiçi etrapçanyň 21, 22, 23, 24, 25, 26, 27, 28, 29, 35, 36, 37, 38-nji jaýlary.

**43-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Maral» çagalar bagy.
**Araçägi:** 13-nji kiçi etrapçanyň 39, 40, 41, 42, 43-nji jaýlary, 14-nji kiçi etrapçanyň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 12-nji jaýlary, podstansiýa jaýlary.

**44-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Uzboý şäherçe Geňeşiniň jaýy.
**Araçägi:** Uzboý şäherçesiniň ähli jaýlary.

**45-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Jebel şäherçesindäki 3-nji sport mekdebi.
**Araçägi:** K.Maşrykow, E.Annaýewa, K.Guwanjowa, Balkan, Nebitçiler köçeleriniň ähli jaýlary.

**46-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Jebel şäherçesindäki «Gülnar» çagalar bagy.
**Araçägi:** Baýram şahyr, D.Azady, Ýaşlyk, Zähmet, köçeleriniň, 123, 124-nji razýezdleriň ähli jaýlary.

**47-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Jebel şäherçesindäki 28-nji çagalar bagy.
**Araçägi:** Kemine, D.Taganow köçeleriniň ähli jaýlary.

**48-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Türkmennebit» döwlet konsserniniň maddy-enjamlaýyn serişdeler we üpjünleýiş müdirliginiň Jebel bazasy.
**Araçägi:** Türkmenbaşy, 8-nji mart, Demirýolçular, G. Orazow köçeleriniň ähli jaýlary.

**49-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** «Mollagara» şypahanasy.
**Araçägi:** «Mollagara» şypahanasyna degişli ähli jaýlar.

**50-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 22-nji çagalar bagy.
**Araçägi:** Karýer, Saganly-1, Saganly-2, Düzmergen ilatly mesgenleriň ähli jaýlary.

**51-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 23-nji orta mekdep.
**Araçägi:** 91-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň ähli jaýlary.

**52-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** welaýat, şäher harby wekillikleriniň, harby komendaturanyň, harby awtomekdebiň, welaýat awtoulaglara sürüjileri taýýarlaýan 5-nji okuw mekdebiniň, halas ediş müdirliginiň, harby bölümiň çäkleri.

**53-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

**54-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 23-nji orta mekdep.
**Araçägi:** 92-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň ähli jaýlary.

**55-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Balkan lukmançylyk orta okuw mekdebi.
**Araçägi:** Balkan lukmançylyk orta okuw mekdebiniň umumyýaşaýyş jaýy.

**56-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

**57-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölümler.

**58-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Balkanabat nebitçilik orta hünär okuw mekdebiniň 2-nji hünär-tehniki okuw mekdebi.
**Araçägi:** Balkanabat nebitçilik orta hünär okuw mekdebiniň umumyýaşaýyş jaýy.

**59-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

**60-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölümler.

**61-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

**62-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Balkan welaýatynyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasy.
**Araçägi:** 162, 193, 197-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli jaýlary.

**63-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 23-nji çagalar bagy.
**Araçägi:** Japarow köçesiniň 69, 70, 72, 74, 76, 78, 80, 82, 84, 86, 88, 90, 92, 94, 96, 98, 100, 102, 104, 105, 108, 110, 112, 114, 116, 122, 124, 126, 128, 130, 132, 134, 136,138-nji hususy jaýlary, T. Satylow köçesiniň 1-nji geçelgesiniň 1, 2, 3, 4, 4a, 6, 6a, 7a, 8a, 9, 10a, 11a, 13a, 15, 16a-njy jaýlary, 2-nji geçelgesiniň 1, 1a, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 14, 20, 21, 26, 27-nji jaýlary.

**TÜRKMENBAŞY ŞÄHERINIŇ AWAZA ETRABY BOÝUNÇA**

**1-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 31-nji çagalar bagy.
**Araçägi:** 1-nji kiçi şäherçedäki ýaşaýyş jaýlary.

**2-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 15-nji orta mekdep.
**Araçägi:** 2-nji kiçi şäherçedäki ýaşaýyş jaýlary.

**3-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 4-nji orta mekdep.
**Araçägi:** Aeroport şäherçesinde ýerleşýän ýaşaýyş jaýlary.

**4-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

**TÜRKMENBAŞY ŞÄHERINIŇ KENAR ETRABY BOÝUNÇA**

**1-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 23-nji çagalar bagy.
**Araçägi:** Magtymguly şaýolunyň 88, 88a, 90, 92, 94, 96, 96a, 98, 100, 102, 104, 106, 108, 110, 112, 114, 116, 118, 120, 124, 126, 128, 130, 132, 132a, 132b, 132g, 134, 136, 138, 140, 140a, 142, 142a, 143b, 143d, 144, 144b, 145, 145a, 149, 150-nji jaýlary.

**2-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 11-nji orta mekdep.
**Araçägi:** Magtymguly şaýolunyň 70b, 72, 72a, 72b, 73, 76, 76a-1, 77, 78, 78a, 80, 80a, 80b, 80g, 82-1, 82w-1, 84, 84a, 86-njy jaýlary, Jülge köçesiniň 1, 3, 5, 6, 7, 8, 9, 10, 11, 12, 13, 15, 17, 19, 21, 23, 25, 27-nji jaýlary, Jülge köçesiniň 1a, 2, 2a, 3, 4, 4a, 5 , 5a, 6, 6a, 7, 8b, 9, 9b, 10w, 11a, 12a, 12b, 13, 14, 15, 16, 16/2, 16a, 17a, 20a, 20b, 21, 22, 22a, 25, 25a, 26, 26a, 27a, 29a, 29b, 30, 31, 32, 33, 33g, 34, 34b, 35, 35b, 37, 38, 39, 40, 40a, 40w, 40g, 41, 42, 43, 44, 45, 45a, 50, 50a, 56, 57, 57a, 58, 58a, 60, 61, 62a, 63, 64, 65, 66, 67, 68, 70, 70a, 77-nji hususy jaýlary.

**3-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 26-njy çagalar bagy.
**Araçägi:** Wolodin köçesiniň 1, 3, 5, 7, 9-njy jaýlary, Gubkin köçesiniň 2, 4, 6, 6a, 7, 10, 12, 12a, 12b, 14, 14a, 16, 16a, 20, 22, 23-nji jaýlary. Ýaşlyk köçesiniň 1, 2, 9, 11, 13, 13a, 14, 16, 20-nji jaýlary, Nebitçiler köçesiniň 38-nji jaýy, Magtymguly şaýolunyň 63, 65, 67, 69, 70, 70a, 71-nji jaýlary, Wepaýew köçesiniň 2, 2b, 2w, 2d, 4-nji jaýlary.

**4-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 10-njy orta mekdep.
**Araçägi:** Wepaýew köçesiniň 7, 8, 9, 10, 11, 12, 13, 14, 15, 16, 17, 18, 20-nji jaýlary, Magtymguly şaýolunyň 47, 49, 49g, 51, 53, 53a, 53b, 55b, 55w, 57, 59-njy jaýlary, Nebitçiler köçesiniň 3, 4, 5, 12, 14, 16, 18, 18a, 18b, 18w, 18g, 18d, 20, 20a, 22-nji jaýlary, Durdyýew köçesiniň 2, 4, 6-njy jaýlary.

**5-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** kömekçi mekdep-internat.
**Araçägi:** Aşgabat köçesiniň 1, 2, 2a, 3, 4, 4 (hususy), 4a, 4b, 6, 6a, 7, 10, 10a, 14, 14a, 15, 15a, 16, 16 (hususy), 16a, 17, 18, 20, 30, 100, 100a-njy jaýlary, Garaşsyzlyk köçesiniň 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10, 11, 12, 13, 14, 17, 17a, 17b, 19, 19a, 21, 23-nji jaýlary,

*(Dowamy 4-nji sahypada).*

# 2022-nji ýylyň 12-nji martynda geçiriljek Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlary boýunça Balkan welaýatynda döredilen saýlaw uçastoklarynyň merkezi we araçägi barada MAGLUMAT

*(Başlangyjy 5-nji sahypada).*

**16-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 2-nji orta mekdep.
**Araçägi:** Ajyýap obasynyň 253-nji jaýyndan 539-njy jaýyna çenli.

**17-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Çaloýuk oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Çaloýuk obasy.

**18-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 4-nji orta mekdep.
**Araçägi:** Garadegiş obasy.

**19-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** serhet birikmesi.
**Araçägi:** serhet birikmesi.

**20-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** serhet galasy.
**Araçägi:** serhet galasy.

**21-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** serhet galasy.
**Araçägi:** serhet galasy.

**22-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** serhet galasy.
**Araçägi:** serhet galasy.

**23-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** serhet galasy.
**Araçägi:** serhet galasy.

**24-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** serhet galasy.
**Araçägi:** serhet galasy.

**25-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** serhet galasy.
**Araçägi:** serhet galasy.

**26-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** serhet galasy.
**Araçägi:** serhet galasy.

**27-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** serhet galasy.
**Araçägi:** serhet galasy.

**28-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

## TÜRKMENBAŞY ETRABY BOÝUNÇA

**1-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Türkmenbaşy şäherçesindäki merkezi kitaphana.
**Araçägi:** Türkmenbaşy şäherçesiniň Gülüstan, Garaşsyzlyk, Kenar, Olimpiýa köçeleriniň ähli ýaşaýyş jaýlary, Magtymguly köçesiniň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7, 8, 9, 10, 11a, 12, 12a, 13a, 14, 14a, 15, 18, 19, 24, 25, 26, 26a, 27, 29, 32, 34, 36, 40a, 44-nji ýaşaýyş jaýlary.

**2-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Türkmenbaşy şäherçe medeniýet öýi.
**Araçägi:** Türkmenbaşy şäherçesiniň M.Begenow, Gubadag, Parahat, Ýeňşiň 45 ýyllygy köçeleriniň ähli jaýlary, Magtymguly köçesiniň 7a-njy ýaşaýyş jaýy.

**3-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Ýaňyajy demir ýol duralgasynyň jaýy.
**Araçägi:** Ýaňyajy obasy.

**4-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 18-nji orta mekdep.
**Araçägi:** Akdaş şäherçesi we Garaşsyzlyk obasy.

**5-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Gyzylsuw şäherçe Geňeşiniň jaýy.
**Araçägi:** Gyzylsuw şäherçesi.

**6-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Belek şäherçe medeniýet öýi.
**Araçägi:** Belek şäherçesiniň 1, 2, 3, 4-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli ýaşaýyş jaýlary.

**7-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Belek şäherçe Geňeşiniň jaýy.
**Araçägi:** Belek şäherçesiniň 5, 6-njy ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli ýaşaýyş jaýlary, Garateňňir obasy, 126, 129-njy demir ýol duralgalarynyň ähli ýaşaýyş jaýlary.

**8-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Guwlymaýak şäherçe medeniýet öýi.
**Araçägi:** Guwlymaýak şäherçesiniň 1, 2, 3, 4, 5, 6, 7-nji ýaşaýyş jaý toplumlarynyň ähli ýaşaýyş jaýlary, serhet galalary.

**9-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 7-nji orta mekdep.
**Araçägi:** Guwlymaýak şäherçesiniň Gyýanly ýaşaýyş jaý toplumynyň ähli ýaşaýyş jaýlary.

**10-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Gyzylgaýa şäherçe medeniýet öýi.
**Araçägi:** Gyzylgaýa şäherçesi.

**11-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Hasan oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Hasan obasy.

**12-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 8-nji orta mekdep.
**Araçägi:** Sülmen obasy.

**13-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Oglanly oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Oglanly obasy.

**14-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Irikli oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Irikli obasy.

**15-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Gürje oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Gürje obasy.

**16-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Akguýy geňeşliginiň Geňeşiniň jaýy.
**Araçägi:** Akguýy obasy.

**17-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Hudaýberdi oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Hudaýberdi obasy.

**18-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Goşaoba obasyndaky 12-nji şahamça mekdebi.
**Araçägi:** Goşaoba, Süýli obalary.

**19-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Harby-deňiz instituty.
**Araçägi:** Harby-deňiz instituty.

**20-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Awlamyş oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Awlamyş obasy.

**21-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Ybyk oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Ybyk obasy.

**22-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Tüwer obasyndaky 16-njy şahamça mekdebi.
**Araçägi:** Tüwer obasy.

**23-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Gökdere oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Gökdere obasy.

**24-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Goýmat oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Goýmat obasy.

**25-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Garaýman oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Garaýman obasy.

**26-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Çagyl oba medeniýet öýi.
**Araçägi:** Çagyl obasy.

**27-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölümler.

**28-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

**29-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

**30-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölümler.

**31-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölümler.

**32-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 12-nji çagalar bagy.
**Araçägi:** Oglanly şäherçesi.

**33-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 19-njy orta mekdep.
**Araçägi:** Garabogaz şäheriniň Dostluk köçesiniň ähli ýaşaýyş jaýlary, Magtymguly köçesiniň 1-12-nji ýaşaýyş jaýlary, Serhetçiler, Garaşsyzlyk, Hazar, Alp Arslan, 6-njy köl köçeleriniň ähli ýaşaýyş jaýlary.

**34-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** 21-nji orta mekdep.
**Araçägi:** Garabogaz şäheriniň Bitaraplyk köçesiniň 1-25-nji ýaşaýyş jaýlary, Gurbansoltan eje we Garabogaz köçeleriniň ähli ýaşaýyş jaýlary.

**35-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Garabogaz şäher medeniýet öýi.
**Araçägi:** Garabogaz şäheriniň Atamyrat Nyýazow köçesiniň 1-19-njy, Oguzhan köçesiniň 1, 2, 4, 6-njy, Magtymguly köçesiniň 13-28-nji, Görogly köçesiniň 1, 3, 6, 8, 9-njy, 1-nji kiçi etrapçanyň 5,6-njy ýaşaýyş jaýlary, 2-nji kiçi etrapçanyň 2, 4, 6, 7-nji ýaşaýyş jaýlary.

**36-njy saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** Garabogaz şäherindäki çagalar sungat mekdebi.
**Araçägi:** 1-nji kiçi etrapçanyň 1, 3, 7a, 8, 12, 16, 19, 25a, 26-njy, 2-nji kiçi etrapçanyň 3, 5, 8, 9-njy ýaşaýyş jaýlary.

**37-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

**38-nji saýlaw uçastogy**
**Merkezi:** harby bölüm.
**Araçägi:** harby bölüm.

## BAGTYÝAR ZENANLARYŇ BÄSLEŞIGI



Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň welaýat bölüminiň, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň welaýat birleşmesiniň bilelikde guramaklarynda Balkanabat şäherindäki «Türkmeniň ak öýi» binasynda «Ýylyň zenany» bäsleşiginiň welaýat tapgyry geçirilip, oňa deslapky tapgyrlarda ýeňiji bolan zenanlar gatnaşdylar.

Asyrlar boýy edepli, añ--düşünjeli nesilleri terbiýeläp ýetişdirmekde dünýä tanalan halkymyzyň däp-dessurlaryny, ýurdumyzda maşgala gymmatlygyna goýulýan sarpany beýan etmek, ýaş nesillerde Watanymyzyň ösüşlerine söýgini artdyrmagy wagyz etmek bäsleşigiň esasy maksady bolup, oňa gatnaşanlar dürli ugurlar boýunça öz başarnyklaryny görkezdiler.

Bäsleşikde Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Hazar şäher birleşmesiniň başlygy Gurbangül Mämmedowa «Ýylyň işewür zenany», Etrek etrabyndaky çagalar we ýetginjekler döredijilik



öýüniň halyçylyk gurnagynyň ýolbaşçysy Meretgül Saparmämmedowa «Ýylyň çeper elli zenany», Türkmenbaşy şäheriniň çagalar sungat mekdebiniň mugallymy Arazdöwlet Dawudowa «Ýylyň sungatda işjeň zenany», Serdar şäherindäki 1-nji orta mekdebiň mugallymy Sahypjemal Nazarowa «Ýylyň mährem zenany», welaýat Polisiýa müdirliginiň jemgyýetçilik howpsuzlygy bölüminiň 3-nji bölümçesiniň müdiri, polisiýanyň kapitany Aýsona Dumanowa «Ýylyň watançy zenany», Serdar etrabynyň Janahyr şäherçe Geňeşiniň hünärmeni Toty Saparowa «Ýylyň öňdebaryjy oba zenany», Balkanabat şäheriniň ýaşaýjysy, telekeçi Gurbangül Annamuhammedowa «Ýylyň telekeçi zenany» diýen atlara mynasyp boldular. Olar bäsleşigiň döwlet tapgyryna gatnaşarlar.

*Nursoltan DEPBIÝEWA.*
*Surata düşüren Andreý PAKULOW, «Balkan».*

## ARKADAGDAN ARKAM BAR, MIRASYMA SARPAM BAR

Balkanabat şäherindäki «Türkmeniň ak öýi» binasynda Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň hem-de Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň bilelikde yglan eden «Arkadagdan arkam bar, mirasyma sarpam bar» atly bäsleşiginiň welaýat tapgyry geçirildi. «Gadymy nagyşlaryň syrlary», «El bilen döredilen gözellik» we «Kesbi-kärim — nesillere görelde» diýen şertlerden ybarat bolan bäsleşige gatnaşan gelin-gyzlar milli lybaslaryň we olara salynýan nagyşlaryň gadymy nusgalaryny, nagyşlara siňen şekilleriň aýratynlyklaryny, aňladýan manysyny çeper sözlerde beýan etdiler. Nagyşlar bilen baglanyşykly yrymlary, rowaýatlary, aýdyşyklary, gazallary, hymmyllary aýtdylar. Aýdym-sazlarda, goşgularda hormatly Prezidentimiziň beýik işleriniň, ata Watanymyzyň, «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynyň waspyny ýetirdiler.

Bäsleşigiň jemi jemlenilende, «Balkandokma» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň egirme we darak enjamynyň operatorlary Bagtygözel Jommyýewa hem-de Gurbansoltan Maryýewa degişlilikde birinji we ikinji orunlara mynasyp bolup, onuň döwlet tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandylar.

*Ejeş GUWANJOWA.*

## USSAT BAGŞYNY HORMATLAP

Türkmenistanyň halk artisti, halypa bagşy Nurberdi Gulowyň ömri we döredijiligine bagyşlap «Nurberdi saýrady çopan ýolundan» atly edebi-sazly çäre geçirdik. Çärä medeniýet işgärleri, aýdym-saz mugallymlary, welaýat ýörite sungat mekdebiniň talyplary, bagşynyň nebereleri gatnaşdylar.

Çärede hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy netijesinde türkmen bagşyçylyk sungatyny kämilleşdirmekde, geçmişde aýdym-saz äleminde yz galdyran şahsyýetlerimizi ýatlap, halypa-şägirtlik ýoluny ösdürmekde, aýdym--saz sungatymyzyň şan-şöhratyny dünýä ýaýmakda örän uly işleriň durmuşa geçirilýändigi dogrusynda buýsançly gürrüň edildi. Halypa bagşynyň gazallaryň üsti bilen wasp edilmegi çäräniň täsirliligini has-da artdyrdy. Ussat bagşynyň ýoluny dowam etdirýän



çowluklary Nurberdi we Güýçberdi Gulowlaryň ýerine ýetiren şirin owazly aýdymlary çärä gatnaşanlara ruhy lezzet paýlady.

Çäräniň ahyrynda oňa gatnaşanlar Türkmenistanyň halk artisti Nurberdi Gulowyň ömri we döredijiligine bagyşlanyp guralan «Çopan ýolunyň eýesi» atly kitap sergisine syn etdiler.

*Baýramgül PYHYÝEWA,*
*welaýat kitaphanasynyň kitaphanaçysy.*

## Terbiýe mekdebi



Hormatly Prezidentimiziň ähli enelerimize, zenanlarymyza bolan hormat-sarpasynyň ýokarydygyny görkezýän «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly kitaby ýaş nesli watançylyk ruhunda terbiýelemekde, olarda ýaşaýyş peşgeş beren eziz enelerimize bolan nusgalyk söýgi-sarpany kemala getirmekde bahasyna ýetip bolmajak gymmatlykdyr. Mähriban käbelerimiziň mähremligini, perzentlerine bolan söýgüsini, mukaddesligini giňden açyp görkezmegi, asyrlaryň jümmüşinden biziň günlerimize gelip ýeten rowaýatlaryň kitapda ussatlyk bilen beýan edilmegi eseriň terbiýeçilik gymmatyny artdyrýar.

Her bir maşgala ojagynda mähriban käbelerimiziň orny, hormat-sylagy ýokarydyr. Nesilleri milli ruhda terbiýeläp, Watana, il-güne wepaly şahsyýetler edip ýetişdirmekde enelerimize taý geljek zat ýokdur. Olar balalaryny süýji sözleri bilen terbiýeleýärler, Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşjak adamlar edip ýetişdirýärler. Kitapdaky mährem enelerimiziň durmuşymyzyň gelşigidigi, ömrümiziň bezegidigi hakyndaky gürrüňler okyjyny özüne çekýär, ene mähri hakyndaky oýlanmalara berleniň duýman galýarsyň.

Röwşen geljegimiziň eýeleri bolup durýan ýaş nesillerimizi pederlerimizden miras galan ruhy-ahlak ýörelgelere laýyk terbiýelemekde, olarda eziz käbelerimize bolan söýgi-sarpany kemala getirmekde hormatly Prezidentimiziň «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» atly kitaby nusgalyk edep mekdebidir. Şunuň ýaly pähim-paýhasa ýugrulan ajaýyp kitaplary peşgeş berýän mähriban Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli işleri rowaç bolsun!

*Bagtygül ÇARYÝEWA,*
*Serdar etrabynyň merkezi kitaphanasynyň kitaphanaçysy.*

## MÄHRIBAN ADAMLAR, EZIZ ILDEŞLER!





Häzirki wagtda howanyň düzüminde tozan bölejikleriniň möçberiniň kadadan artmagy bilen baglanyşykly howa şertleriniň adam bedenine ýetirip biläýjek oňaýsyz täsiriniň we döräp biläýjek möwsümleýin ýiti respirator ýokanç keselleriň öňüni almak üçin, agyz-burun örtüklerini dakynmagy, howpsuz 2 metr aralygy saklamagy, şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berjaý etmegi, köpçülikleýin ýerlere barmakdan saklanmak maksady bilen girizilen çäklendirmeleri berk berjaý etmegi, elleri arassa saklamagy, şeýle hem günüň dowamynda howanyň derejesiniň üýtgeýändigini nazara alyp, pasla görä geýinmegi maslahat berýäris.

**Mähriban adamlar!**

Bu düzgünleri berk berjaý etseňiz, ýylyň islendik paslynda öz saglygyňyzy gorap bilersiňiz.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## Bagtyýar durmuşyň binýady

Her bir güni taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylýan döwrümizde ýurdumyz ähli ugurlarda ösüşlere beslenýär. Watanymyzyň daýanjy bolan ýaş nesliň berk bedenli, sagdyn ruhly, ylymly, bilimli adamlar bolup ýetişmekleri ajaýyp zamanamyzda hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda ylym-bilim ulgamy ösüşiň täze tapgyryna çykýar. Döwlet tarapyndan çagalar baglarynyň we orta mekdepleriň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmakda zerur çäreler görülýär. Ulgamda alnyp barylýan işleriň netijesinde okuw maksatnamalary döwrüň talabyna laýyk getirilýär. «Ýaşlar biziň başyny başlan işlerimizi mynasyp dowam etdirijilerdir» diýip belleýän döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary bilen milli bilim ulgamynda amala aşyrylýan özgertmeleriň oňyn netijelerini berýändigini türkmen ýaşlarynyň dürli halkara bäsleşiklere gatnaşyp, üstünlik gazanmaklarynyň mysalynda hem görmek bolýar.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň ýaş nesliň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek ugrunda alyp barýan işleri mundan beýlägem rowaçlyklara beslensin!

*Oguljahan HALLYÝEWA,*
*Etrek etrabyndaky 5-nji orta mekdebiň mugallymy.*

Hormatly müşderiler!

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek, raýatlarymyza maliýe taýdan goldamak maksady bilen, «Altyn asyr» bank kartyny saklaýjy müşderilerine «Owerdraft» bank karzyny hödürleýär.

«Owerdraft» bank karzy — bu ýyllyk 10 (on) göterimli, bankyň müşderileriniň «Owerdraft» bank kart hasabynyň üsti bilen berilýän gysga möhletli karz bolup, karz alyjynyň zähmet hakynyň möçberiniň 50 (elli) göteriminden ýokary bolmadyk möçberinde berilýär.

**Müşderileriň «Altyn asyr» bank kart hasabyna zähmet haky geçirilenden soňra, «Owerdraft» kart hasabynyň üsti bilen berlen karzyň esasy bergisi we oňa hasaplanan göterimler awtomatiki usulda tölenýär.**

«Owerdraft» bank karzy şertnama esasynda 1 (bir) ýyl möhlete resmileşdirilip, her 30 (otuz) günden köp bolmadyk döwür aralygyny öz içine alýar.

Eziz ildeşler! Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky sizi «Owerdraft» bank karzynyň amatlyklaryndan peýdalanmaga çagyrýar!

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**

Aşgabat şäheri: (80012) 38-03-79, 24-44-55; 38-02-83.
Ahal welaýaty: (800137) 33-4-39.
Balkan welaýaty:(800246) 5-21-51.
Daşoguz welaýaty: (800322) 9-35-07.
Lebap welaýaty: (800422) 9-13-48.
Mary welaýaty: (800522) 6-76-40.

---

Balkanabat şäheriniň pensiýa gaznasy tarapyndan 2018-nji ýylda Mergen Mämmetmyradowiç Aýdogdyýewiň adyna berlen 0053940 belgili fiziki şahsyň (telekeçiniň we özbaşdak iş bilen meşgullanýanyň) ätiýaçlandyrýan hökmünde hasaba alnandygy hakynda şahadatnamany ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap etmeli.

Türkmenbaşy etrabyndaky 1-nji orta mekdep tarapyndan 2011-nji ýylda Bilbil Onbaýewna Şyhymgulyýewanyň adyna berlen A 1108318 belgili orta bilim hakyndaky şahadatnamany ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap etmeli.

«Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkanabat nebitçilik orta hünär okuw mekdebi tarapyndan 2017-nji ýylda Tagantäç Geldiýewna Ýollyýewanyň adyna berlen, 175 belgide hasaba alnan wagtlaýyn şahadatnamany ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap etmeli.

Balkanabat şäher salgyt bölümi tarapyndan 2021-nji ýylda Rüstem Amandurdyýewiç Mukgaýewiň adyna berlen J 0111097 belgili patenti ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap etmeli.

«Türkmennebitgazgurluşyk» döwlet konserniniň Balkanabat nebitçilik orta hünär okuw mekdebi tarapyndan 2015-nji ýylda Sähragül Sadykowna Sadykowanyň adyna berlen, 676 belgide hasaba alnan wagtlaýyn şahadatnamany ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap etmeli.

Türkmenbaşy şäheriniň Kenar etrabynyň ýaşaýjysy Aýjemal Berdiýewanyň awtoulagynyň AF 3775 BN döwlet belgisiniň ýitirilendigi mälim edilýär.

Türkmenbaşy şäheriniň Kenar etrabynyň ýaşaýjysy Walentina Dmitriýewna Rasulowanyň öýüniň kitapçasynyň ýitirilendigi mälim edilýär.

Etrek etrabynyň ýaşaýjysy Hamza Baýrammyradowiç Gurbanowyň awtoulagynyň tehniki pasportynyň ýitirilendigi mälim edilýär.

---

TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENBAŞY» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY ERKIN PUL SERIŞDELERIŇIZI AMATLY ŞERTLERDE ÝERLEŞDIRMEGI HÖDÜRLEÝÄR

Ýurdumyzda döwrebap bank hyzmatlaryny ornaşdyrmak arkaly bank amallarynyň hilini kämilleşdirmek, halka edilýän hyzmatlaryň görwümini has-da giňeltmek we raýatlaryň tygşytlan pul serişdelerini dolanyşyga çekmek maksady bilen, ýyllyk 6,5 göterim möçberli **«Goýum bank karty»** atly bank hyzmaty hereket edýär. Siz «Goýum bank kartynyň» üsti bilen şu aşakdaky amatlyklardan peýdalanyp bilersiňiz:

- «Goýum bank kartyna» çäklendirilmedik möçberde nagt pul serişdelerini goýmak we islendik wagtda yzyna almak;
- söwda we hyzmat ediş nokatlarynda nagt däl hasaplaşyklary geçirmek;
- «Altyn asyr» kartly töleg ulgamynda ýola goýlan hyzmatlary, şol sanda ipoteka karzlarynyň esasy bergilerini we göterimlerini, öýjükli aragatnaşyk, internet, IP-telewideniýe, şäher telefon ulgamynyň hyzmatlaryny tölemek.

«Goýum bank kartyny» açmak üçin Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň Merkezi edarasyna ýa-da islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz.

**HABARLAŞMAK ÜÇIN TELEFONLAR:**

Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň
Balkan welaýat şahamçasy
**(+993 222) 7-75-77, 7-46-26.**
Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň Balkan welaýatynyň
Türkmenbaşy şäher şahamçasy
**(+993 243) 2-02-99.**
Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň Balkan welaýatynyň
Hazar şäher şahamçasy
**(+993 240) 2-16-00.**
Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň Balkan welaýatynyň
Garabogaz şäher şahamçasy
**(+993 244) 4-00-93.**

---

**Hormatly raýatlar!**

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Owerdraft karty» atly bank kartynyň amatlyklaryndan peýdalanmaga çagyrýar!**




Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky «Altyn asyr» bank kartyny saklaýjy müşderilerine bank tarapyndan hödürlenilýän gysga möhletli karzlar üçin «Owerdraft karty» atly bank kartynyň ulanyşa girizilendigini habar berýär.

«Owerdraft karty», nagt däl görnüşinde hasaplaşyklar geçirilende, müşderiniň «Altyn asyr» bank kart hasabyndaky pul serişdeleri ýeterlik bolmadyk halatynda baglaşylan şertnama laýyklykda onuň «Owerdraft karty» hasabyna kesgitlenen çäklerde awtomatiki usulda gysga möhletli karzlary resmileşdirmäge mümkinçilik berýär.

Müşderiniň aýlyk zähmet haky geçýän «Altyn asyr» bank kart hasabyna serişde gelip gowşanda, bellenilen tertipde karz yzyna gaýtarylýar.

Şeýle hem degişli şertnamanyň hereket edýän döwründe karz gaýtarylandan soňra, goşmaça şertnama baglaşmazdan «Owerdraft karty» hasabyna karzy gaýtadan ulanmak mümkinçiligi döredilen.

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasy boýunça habarlaşmak üçin telefon belgisi: 44-03-04.**
**Şahamçalaryň salgylary we telefon belgileri bankyň www.tnbk.tm resmi internet sahypasynda görkezilen.**

---

**Hormatly raýatlar!**

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky melleginde (bölünip berlen ýer böleginde) şahsy hojalygyny ýöredýän raýatlara kiçi göwrümli karzlary hödürleýär**

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan raýatlara melleginde (kömekçi hojalygynda, bölünip berlen ýer böleginde) ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek maksady bilen, oba hojalyk önümlerini öndürmek, esasy we dolanyşyk serişdelerini edinmek hem-de iri önümçilikler üçin zerur bolan ýerli çig mallary öndürmek maksadyna aşakda görkezilen tertipde kiçi göwrümli karzlar hödürlenilýär.

Karzyň möçberi — 30 000 (otuz müň) manada çenli.
Karzyň göterimi — ýyllyk 10 (on) göterim.
Karzyň möhleti — 3 (üç) ýyla (alty aý ýeňillikli döwri bilen) çenli.
Karzyň üpjünçiligi — tölege ukyply üçünji tarapyň zamunlygy ýa-da girew emlägi.

Habarlaşmak üçin Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasyna ýa-da onuň ähli şahamçalaryna ýüz tutup bilersiňiz.

**Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň Merkezi edarasy boýunça habarlaşmak üçin telefon belgisi: 44-02-65.**
**Şahamçalaryň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi internet sahypasynda görkezilen: www.tnbk.tm**

## Bilim ulgamynyň ösüşinde täze tapgyr

Döwlet Baştutanymyz jemgyýetimiziň we ýurdumyzyň durmuşynyň ähli ulgamlarynda sanly serişdeleri giňden peýdalanmagyň, ykdysadyýeti sanly ulgama baglylykda, bilim edaralarynyň işini has-da kämilleşdirmäge, bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmäge,



geçirmegiň anyk ugurlaryny kesgitledi. Milli Liderimiz ösüşiň uly mümkinçiligini onlaýn serişdeleriniň hem-de elektron hyzmatlaryň ulanylmagynda görýär. Şu maksatlar bilen onuň kanunçylyk binýady hem kämilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen ýurdumyzyň bilim ulgamynyň ösüşinde täze tapgyr başlandy. Şunuň bilen sanly serişdeleri giňden peýdalanyp, berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmaga, hiliniň dünýä derejesine laýyk bolmagyny üpjün etmäge, innowasion-tehnologik ösüşlerden oňat baş çykarýan ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilen düýpli özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamyny döwrüň talabyna laýyk ösdürmek, bu ulgama innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly sanly bilim ulgamyna geçmek babatda birnäçe işler durmuşa geçirilýär.

Bilim ulgamyndaky özgertmeler netijesinde, bilimi we öz halal zähmeti bilen ýurdumyzyň şöhratyna şöhrat goşjak, dünýä ýüzünde abraýyny has-da artdyrjak hünärmenleriň täze nesli kemala gelýär. Olar hormatly Prezidentimiziň yzygiderli aladalaryna jogap edip, ajaýyp üstünlikleri gazanýarlar, mekdep okuwçylarynyň, talyplaryň arasynda geçirilýän bäsleşiklerde üstünlikli çykyş edip, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar. Eziz Watanymyzyň at-abraýyny has-da belende galdyrýarlar.

Goý, ýurdumyzy belent maksatlara tarap bedew bady bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň jany sag bolup, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

*Aşyrdurdy GYLYÇNYÝAZOW,*
*«Türkmennebit» döwlet konserniniň Balkanabat nebitçilik orta hünär okuw mekdebiniň direktorynyň okuw-önümçilik işleri boýunça orunbasary.*

## Rowaçlyklaryň gözbaşy

Ajaýyp zamanada halkymyz eziz Diýarymyzyň döwlet syýasatynyň özenini düzýän «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýygardan ugur alýan özgertmeleriň, abadan, eşretli durmuşyň hözirini görýär. Beýik başlangyçlary, dünýä döwletleriniň dost-doganlyk gatnaşyklaryny täze derejelere göterjek iri möçberli tutumlary bilen bimöçber hormata eýe bolan milli Liderimiziň tagallasy bilen ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda düýpli ösüşler gazanylýar. Oba-şäherçelerimiz, şäherlerimiz gözel keşbe girýär. Berk bedenli, sagdyn ruhly ýaş nesli terbiýeläp ýetişdirmek üçin çagalar baglary, orta mekdepler, sport toplumlary we beýleki durmuş maksatly desgalar yzygiderli ulanylmaga berilýär.

«Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda hem ýurdumyzy mundan beýläk-de özgertjek, ösdürjek işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň halkara abraýy, şan-şöhraty has-da belende göterilýär.

Goý, eziz Watanymyzyň, mähriban halkymyzyň eşretli geljegi ugrunda beýik işleri durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, il-ýurt bähbitli tutumlary mundan beýläk-de rowaç bolsun!

*Ilmämmet NOBADOW,*
*Etrek etrap döwlet notarial edarasynyň döwlet notariusy, 3-nji derejeli ýurist.*

## Oňyn özgertmeleriň miwesi

Ýurdumyzda ýaş nesliň ylymly-bilimli bolmaklary, sagdyn ösüp-ulalmaklary üçin ähli şert-mümkinçilikler döredilýär. Bilim ulgamynda amala aşyrylýan oňyn özgertmeler hem ulgamyň döwrebaplaşdyrylmagyna, ýaş nesliň bilim mümkinçilikleriniň ýokarlanmagyna gönükdirilendir.

Häzirki wagtda tehnologiýa täzeliklerini, bu ugurdaky oňyn tejribeleri okuw mekdeplerine giňden ornaşdyrmak tapgyrlaýyn amala aşyrylýar. Bilim ulgamyny innowasion tehnologiýalar bilen üpjün etmegiň güýçlendirilmegi maglumat gorlaryny baýlaşdyrmaga we oňa elýeterliligi üpjün etmäge giň mümkinçilikleri döredýär.

Ylym-bilim ähli ösüşleriň özenini düzýär. Ylmy ösdürmek ýurduň güýçli depginler bilen öňe gitmeginiň hem-de döwlet ykdysadyýeti bilen hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüşini üpjün etmegiň esasy şertidir.

Watanymyzyň daýanjy bolan ýaş nesillere okamaga, zehin-başarnyklaryny ýüze çykarmaga ähli şertleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň jany sag, ömri uzak bolup, alyp barýan il-ýurt bähbitli işleri barha rowaç alsyn!

*Ýekaterina BARANOWA,*
*Balkanabat şäherindäki 12-nji çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.*

## Ýörelgämiz — sagdyn durmuş

Sagdyn durmuş ýörelgesini berjaý etmekde hormatly Prezidentimiz bize görelde mekdebidir. Döwlet Baştutanymyz kadaly iýmitlenmegiň, zyýanly endiklerden daş durmagyň, zähmet bilen dynç alşy sazlaşykly utgaşdyrmagyň, ruhy sagdynlygyň, arassa howada işjeň hereket etmegiň, sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmagyň saglygyň esasy girewidigini hemişe nygtaýar. Şundan ugur alnyp, ýurdumyzda her bir ynsanyň beden taýdan berk hem-de sagdyn bolmagyny gazanmak, sporty we bedenterbiýäni ösdürmek boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Sagdyn we ruhubelent ýaşlary kemala getirmek maksady bilen, ýurdumyzyň çar künjünde häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylan sport mekdepleriniň, sport toplumlarynyň gurulmagy, köpçülikleýin sport çäreleriniň geçirilmegi raýatlaryň saglygyny berkitmäge ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň rowana ýollarda belent sepgitleri nazarlaýan döwletli başlangyçlaryna mynasyp goşant goşmak, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesiniň doly berkarar edilmegini gazanmak ugrunda tagalla etmek, ýaramaz endiklerden daşda durmak her bir raýatyň borjudyr.

*Kömek BAÝJANOW,*
*Balkanabat şäher kazyýetiniň uly kazyýet ýerine ýetirijisi.*

## Ýaş nesil hakynda alada

Ösüp gelýän ýaş nesliň ylymly-bilimli, edepli-ekramly bolup ýetişmegini gazanmak ýurdumyzyň döwlet syýasatynda üns berilýän esasy ugurlaryň biridir.

Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallasy netijesinde bilim ulgamyny ösdürmek boýunça badalga berilýän başlangyçlar, hemmetaraplaýyn kämil nesiller bolup ýetişmegimiz üçin ýurdumyzda durmuşa geçirilýän tutumly işler, döredilýän ähli şertler bizi begendirýär, üstünliklere ruhlandyrýar. Şonuň üçinem biz ata Watanymyzyň has-da gülläp ösmegine goşant goşjak hünärli, ilhalar adamlar bolup ýetişmek üçin yhlasly okaýarys, bilimleri başarnykly ele alýarys.

Biz — ajaýyp zamananyň perzentleri. Muňa buýsanjymyzyň çägi ýok. Bize bagtyýar zamanany peşgeş beren, okamagymyz, öwrenmegimiz üçin ähli şertleri döredýän Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys. Goý, hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, alyp barýan işleri hemişe rowaç bolsun!

*Toýtäç GARMANOWA,*
*Gumdag şäherindäki 2-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy.*

### Lukmanyň maslahaty

## Howply täze döremeleriň öňüni almagyň çäreleri

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda ilatyň saglygyny goramak, keselleriň öňüni almak, anyklamak, bejermek we saglygy dikeltmek boýunça ägirt uly işler amala aşyrylýar. «Türkmenistanyň Prezidentiniň «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň rejelenen görnüşi» we «Türkmenistanda süýt mäzleriniň we ýatgy boýunjygynyň täze döremelerine garşy göreşiň strategiýasy», onkologiki keselleriň öňüni almak we olaryň garşysyna göreşmek boýunça göz öňüne tutulýan toplumlaýyn-ulgamlaýyn çäreleriň durmuşa geçirilmegi olary irki döwürde ýüze çykarmaga we has netijeli bejergini geçirmäge gönükdirilendir.

Ýatgy boýunjygynyň howply täze döremesi aýal maşgalalaryň arasynda örän köp ýaýran keseldir. Şonuň üçin her bir zenan maşgala ýatgy boýunjygynyň howply täze döremesiniň öňüni almak üçin ýylda 2 gezek barlagdan geçmelidir, jyns agzalarynyň wirus, ýokanç we sowuklama kesellerini öz wagtynda bejertmelidir, sagdyn durmuş ýörelgesini alyp barmalydyr. Ýatgynyň boýunjygynyň howply keselllerini anyklamaklyk sitologiýa, gistologiýa we kolposkopiýa barlaglarynyň esasynda kesgitlenilýär. Howply täze döreme anyklanylan näsaglarda ýöriteleşdirilen doly bejergi geçirilýär we olar ýaşaýan ýerinde onkologiýa hassahanasynda gözegçilikde durýarlar.

Ýatgy boýunjygynyň howply täze döremesi zenan saglygyna zyýan ýetirýär. Ýöne wagtynda lukmana ýüz tutup, öňüni alyş çäreleri geçirilende, bu howpdan goranmak mümkindir.

*Amangül BAÝRAMGELDIÝEWA,*
*welaýat onkologiýa hassahanasynyň lukmany.*

## KROSSWORD



**KESELIGINE:**

1. Ýaz aýlary ýerden çala güberilip çykýan, ýeralma meňzeş ösümlik. 6. Daýhançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanylýan ilatly ýer. 9. «Ak bilekde durar dogry» (matal). 10. Goldaw, goltgy. 12. Heniz başlamadyk arpa-bugdaý. 15. Sportuň görnüşi. 16. Fransuz fizigi. 17. Diş. 18. Ýazgy, nama. 21. Ol gün, baýak. 22. Köýnegiň egninden aşyrylyp, boýuna goýberilýän bir in mata bölegi. 25. Çingiz hanyň ogullarynyň biri. 26. Hapa, ýok. 27. Ýurdumyzyň futbol topary. 28. Pasyl. 29. Düýe we sygyr hamyndan tikilýän aýakgap. 30. Miweli agaç. 32. Guş. 33. Gündogaryň wäşisi. 36. Welaýatymyzda etrap. 39. Kir ýuwulýan gap, taz. 41. Himiki element. 43. Nazar, bakyş. 44. Sözlemiň baş agzasy. 45. Magtymgulynyň dogany.

**DIKLIGINE:**

1. Kerwende hataryň iň yzyndaky düýäniň boýnuna dakylýan jaň. 2. Awçy guşlara aw awlamak öwredilende ulanylýan ýüzi gyzyl mataly ak keçe. 3. Baha, muzd. 4. San. 5. Başga, aýry. 7. Dag goçy. 8. Beden agzasy. 9. Hemişelik, müdimi. 11. Ajy, myltyk. 13. Gadymy uzynlyk ölçegi. 14. Ýurdumyzda etrap. 17. Obanyň ýolbaşçysy. 19. Russiýada oblast. 20. Baglaýjy kömekçi. 21. Magtymgulynyň goşgusy. 23. Birine ýa-da bir zada bolan söýgi duýgusy, söýgi, mähir. 24. Küşt oýnunda iň esasy malyň ady. 31. Bir zadyň tebigy öwüşgini. 32. Asman, gök. 34. Ýylgaý Durdyýewiň eseri. 35. Rahat, gowgasyz. 37. Byçgy; ary. 38. «It ata, är ...» (nakyl). 40. Gün düşmeýän goýy kölege, saýa. 42. Indoneziýada ada. 43. «Tawus guşum, humaýym, ördegim, ... gazym» (Mollanepes).

*Düzen Amanberdi HOJAGELDIÝEW,*
*Türkmenbaşy etraby.*

*Jogaplar: (17.02.2022 ý.)*

*Keseligine:*
3. Waharman. 7. Galandar. 10. Nar. 11. Günä. 12. Owal. 13. Darganata. 16. Ýzgar. 19. Bagşy. 20. Ganymat. 23. Berkarar. 24. Gymmatly. 27. Ýalançy. 29. Aýran. 30. Sarpa. 34. Balgaýmak. 36. Amat. 37. Talh. 38. Sur. 39. Asgynjak. 40. Şypahana.

*Dikligine:*
1. Batgalyk. 2. Barlyşyk. 4. Anna. 5. Aňňal. 6. Galamlyk. 8. Adaty. 9. Nowa. 14. Babakelen. 15. Sallançak. 17. Balaman. 18. Balykçy. 21. Gez. 22. Ala. 25. Şaglawuk. 26. Barmaksa. 28. Balahana. 31. Pagta. 32. Darty. 33. Kary. 35. Parh.

BALKAN

ESASLANDYRYJYSY — BALKAN WELAÝAT HÄKIMLIGI

Baş redaktor Geldimyrat HOJAMYRADOW

Redaksiýanyň salgysy: 745100, Balkanabat şäheri, 145-nji ýaşaýyş jaý toplumy, 1-nji jaý
Telefonlarymyz: Kabulhana 6-37-06; jogapkär kätip 6-07-96; bölümler 6-07-91; 6-07-92; 6-07-93; 6-07-95.
Gazet hepdäniň penşenbe güni çykýar.

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.

Gazet 1931-nji ýyldan bäri çykýar.
Indeksi 69544
Ölçegi A-3, möçberi 8 sahypa
Sany 7197 B-108884
E-mail: balkan-gazeti@online.tm
Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.
Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi.
Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Tel.: 80012 39-95-36.
Bahasy 30 teňňe.